# Çuwal bagşy -6: Atabaý bagşy bilen duşuşyk

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çuwal bagşy -6: Atabaý bagşy bilen duşuşyk ATABAÝ BAGŞY BILEN DUŞUŞYK

Ýylanlynyň Kürt obasynda, nusurlalar bilen onbegileriň aralygynda Allanur aganyň giň küňreli howlusy howalanyp durdy. Gurbanguly baýyň kerwenbaşysy, ýakynda Arkaçdan sag-aman dolanyp gelen Allaş arkasy dutarly Magtymguly bagşy bilen tirkeşip bu howla girende öýüň hojaýyny mal-gara serenjam bermek üçin daş-işikde oňa-muňa güýmenip ýördi. Allanur baý gelenler bilen gadyrly salamlaşdy-da olary halyly-palasly, ýumşak düşek düşelen myhman jaýyna alyp bardy. Ileri ýurtdan. gelen 25-26 ýaşly myhman ýigidiň başynda bagana telpegi, egninde gyrmyzy dony, aýagyn-da teletin köwşi bardy. Donunyň içinden bu töwereklerde geýilmeýän keltekçesi görünýärdi. Keltekçesiniň gapdal jübülerem bar… Dutarynyň daşyna mahmaldan gap tikdiripdir. Aýdyjy-bagşymyka? Sazandamyka? Kim bolanda-da bu myhman ýigidiň mysalasy göze ýakymlydy. Allaş myhmanyň kimligini tanadandan soň Allanur baý ýerinden turup Magtymguly bilen ýamaşgandan görüşdi… Şol günden soň bu myhman jaý Magtymguly bagşynyň ýaşaýan öýüne öwrüldi.
…On alty günlük ýoly söküp gelen Magtymguly iki-üç gün Allanur aganyňkyda dem-dynç aldy. Uzak wagtlap bikär oturyp bilmejek bagşy çaý başynda çemini tapyp haýyş bilen ýüz tutdy:
– Allanur kaka! Biziň bilen kerwende ýoldaş bolanlar, asyl Allaş begiň özem Ýylanly – Akdepe etrapynda Atabaý bagşy diýen zor bagşy bardyr diýýärdi welin, şu golaýda ýaşaýan bolsa, heý, onuň bilen duşuşyp bolmazmyka?
Allanur aga bagşy ýigidiň aýdymyny-sazyny diňlemege delil tapman kösenip otyrdy.
– Ýak, bi-ýä oňat bolaýdy – diýip, ýaşuly ýylgyrdy- da sözüňi dowam etdi: – Magtymguly jan, oglum, Hywa etraplarynda atly-

atly bagşylar köpdür. Ine, Ýylanly-Akdepede Atabaý kel, Gubadagda Nazar baga, Porsy tarapda Saparbaý somak, Tagtada Pälwan bagşy bar. Bularyň hemmesem biri-beýlekisinden haýal durýan bagşy däldir. Olary görjek bol, oglum. Bagşylygyň, sazandalygyň çyn bolsa öwrener ýaly zatlaryny öwrengin, artykmaçlyk edip durmaz.
– Meniňem maksadym şol, Allanur kaka.
– Oň ýaly bolsa, Atabaý bagşyny şu gije öýe çagyrmagyň alajyny edeýin. Ol, ine, Garrawy ýabyň ýakasynda Çildirler diýen obada ýaşaýar.
Adam ibererin ýa bolmasa özüm baryp alyp gaýdaryn. Garaz, Atabaý bagşyly gürrüňi çözüldi biläý, oglum. Nesip bolsa giçlik aýdym-saz diňläris.
– Taňry ýalkasyn, Allanur kaka…
…Giçlik Allaş geldi. Atabaý bagşy çagyrylyp getirildi. Obanyň atly-abraýly adamlary Allanur baýyň myhmanhanasyna ýygnandylar. Jaýlaşykly ornaşylyp, ara böwşeňlik düşeňden soň Allanur aga Atabaýa Magtymgulyny görkezip:
– Bagşy! Ine, şu oglan biziň alili garyndaşlardan gelipdir. Özem bagşy bolmaly. Ol siziň bilen tanyşjak bolup ýör – diýdi.
Atabaý bagşy: – Gaty gowy! Köneler:

«Ile döwlet geler bolsa,
Bagşy bilen ozan geler»

– diýipdirler, gelen döwlet. Her kim gelse öz ryzky bilen gelermiş. Hoş gelipsiň – diýdi.
– Sag bol, bagşy aga! – diýip, Magtymguly oňa baş atdy.
– Hany, al eliňe dutary, çal, eliňi göreli, aýdym aýt, diliňi göreli.
– Aý, bagşy aga, bizi beýdip deslapdan kötele tutuberme, halypa barka biziň hetdimiz bolmaz. Siz başlaň. Sizdendir.
– Bolýar onda men başlaýyn, senem goşulyber, garyňdaş – diýip, Atabaý bagşy muhammese tutdy. Soňra ol kem-kemden çeküwli heňlere geçdi. Atabaýyň sesine erk edişi, her boguny basyp aýdyşy, bokurdakda läle kakýan ýaly owaz çykaryşy üýtgeşikdi, geňdi». Magtymguly: «Türkmeniň sazynyň, aýdymynyň deňiz ýaly

çägi ýok, her kim güýjüniň ýetenini susup alybermeli, näçe köp alybilseň, seniň derejäň şonça belentlenýär, ine, men Arkaçda köp heňleri öwrendim diýsem, Mara barsam täze-täze eşidilmedik mukamlara duşdum. Olary öwrendim diýsem, Hywa gelsem, ine, ýene täze mukamlar, täze ýollar, täze aýdymlar. Bu sazlar ene örden çogup çykýan çeşmeler ýaly aýry-aýry bolsa-da, olary yzarlaberseň, çeşmeleriň uly derýany emele getirişi ýaly, onuňam deňzi dörediși ýaly» diýip, öz ýanyndan pikir öwürdi.
Atabaý bagşynyň eli sazy inçelik bilen yzarlamasada, sesi dutara erk edip, gyjak bilen sazyň kemter ýerini örtýärdi. Ýöne munda eşidilmedik heňleriň gör, näçesi barka»?
– Myhman bagşy, ýurt aşyp gelen bolsaň, sende-de iliň öňüne çykarlyk nama bardyr, men şony bilýän, çekinme-de başlaber. Baryndan döküber orta. Tüweleme saza-ha ezber ekeniň. Men synladym-diýip, Atabaý bagşy Magtymgula ýüzlendi.
– Sag bol, halypa, barymdan aýdym-saz edip bereýin. Heniz-ä men öwrenmege geldim – diýip, ýaş bagşy sypaýçylyk etdi.
– Aýdyber! Del ýurduň heňem del bolar. Birek-birekden öwrenmek gowy zat. Sen bizden öwrenersiň, biz senden öwreneris. Bi senet şeýleräk bolýandyr, ölýänçäň öwrenibermeli… Hany, başla bakaly…
Ine, şeýdip gijesi bilen Magtymguly aýdym aýtdy. Saz çaldy. Oturanlary haýrana goýdy. Atabaýyň oňa göwni ýetdi. Onuň sazy nokatma-nokat, şirin çalyşy göwnejaý bolsa-da, aýdymynyň käbir ýeri kemter kakýardy. Heniz burunda, bokurdakda gaýnatmaly, jukguldylarda işlenmeli öwrümli ýerler bardy. Bu barada Atabaý oňa gös-göni aýtdy. «Ýöne sesiňe erk edip bilişiň gowy. Erte agşam toýy bile sowarys» – diýip, olar wadalaşdylar. Ertesi Atabaý bagşynyň yzyndan geldiler.
Şeýlikde, 1916-njy ýylyň dekabrynda Magtymguly bagşy Hywada Atabaý kel bilen ilkinji toýy sowdy. Aýdym-saz sungaty